# Arka plan

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Arka plan ARKA PLAN

Diñe soñky hepdede bolup geçenler:
– Halk deputatynyñ eldegrilmesizligininiñ ýatyrylmagy…
– Partiýa ýatyrma dawasy…
– «Stambul sözleşmesiniñ» ret edilmegi…
– Merkezi bankyñ başlygynyñ wezipeden boşadylmagy…
Bularyñ hemmesi şobir netijä gelip direýär:
Häkimiýet ýurdy Günbatar dünýäsinden daşlaşdyrýar, globallaşma tarapdarlaryna garşy şeýdip göreşende gowy boljakdygyna ynanýar…
Bu aýry bir syýasy pozisiýadyr, «dogrumy» ýa «ýalñyş», üstünde jedelleşse bolar…
Emma bir zat anyk: häkimiýetiñ kellesi bulaşyk. Meselem… dört ýarym aý mundan öñ näm boldu-da Gazna we maliýe ministri bilen Merkezi bankyñ başlygyny çalyşdy? Merkezi bankyñ täze bellenen başlygyny nämüçin gaýtadan wezipeden boşatdy?
Häkimiýet nämüçin sanlyja aý mundan öñ bellän ýolbaşçylaryny çalyşýar?
Düýn-ä ýygjam pul syýasatyna-göterim syýasatyna garşydylar…
Dört aý öñ ýygjam pul syýasatyna-göterim syýasatyna gujak gerdi…
Häzir ýygjam pul syýasatyna-göterim syýasatyna ýene garşy çykýar…
Häkimiýet bazarlara arkaýynlyk bermeýär, bazar gatnaşyklarynda şübheleri döredip biljek kararlary kabul edýär.
Biz bütin bularyñ üstünde ýazmakdan, gepleşmekden ýaña hakyky üns bermeli zatlara üns beribilemzok. Häkimiýetiñ alyp barýan syýasy ugurlary şeýle bir buýr-bulaşyk welin, kellämizi galdyrybilemzok!
Mysal üçin… MRU-nyñ täze başlygy **Uilýam Jozef Býorns**dan söz açamzok.
Onuñ wezipä bellenşiniñ Russiýa bilen ilteşiginden söz

açamzok.
Şeýle-de… onuň 2019-njy ýylda neşir edilen **“The Back Channel: A Memoir of American Diplomacy and the Case for its Renewal”** kitabyndan söz açamzok.
Şondan öňki işlän ýeri bolan **«Carnegie»** daşary syýasat düşünjesi boýunça guramanyň başlygy wezipesiniň nämeleri aňladandygynyň üstünde jedelleşemzok.
Bulary analizlämzok…
Osmanlynyň soňky iki ýüz ýylynda bolşy ýaly AKP häkimiýeti-de güýjümizi-energiýamyzy içerki syýasata sarp etdirýän buýr-bulaşyk işleri durmuşa geçirýär…

## ■ «TIME» ŽURNALY

«TIME» žurnalynyň **«kyrk ýaşdan aşakky gelejegine bil baglanýan 100 global lider»** sanawynda Uilýam Jozef Býornsyň adyna duş gelýäris. Özem 1982-nji ýylda daşary işler ministrliginde işe başlan Býorns o diýen möhüm wezipede-de däldi, şol ýyl ol Moskwada işleýärdi…
1996-njy ýylda «Ak tam» ony Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň we beýleki ministrlikleriň arasyndaky deňagramlylygy sazlaýan «ýerine ýetiriji sekretary» wezipesine belledi.
Soňra ABŞ-nyň Iordaniýadaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi (1998-2001)…
Soňra Orta Gündogar işleri boýunça daşary işler ministriniň kömekçisi (2001-2005)…
Soňra ABŞ-nyň Russiiýadaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi (2005-2008)…
Soňra Daşary işler ministrliginiň syýasy işler boýunça orunbasary (2008- 2011)…
Soňra daşary işler ministriniň kömekçisi (2011-2014)…
Soňra nepagada…
Soňra ABŞ-nyň daşary syýasatyny kesgitleýän guramalardan «Carnegie» fondunyň başlygy (2015-2021)…
Häzir MRU-nyň (CIA) başlygy…
«TIME» žurnalyny ýatlatmagyň hajaty barmy? Nähili öňdengörüjilik?

Hillari Klintonyň Býornsa «amerikan diplomatiýasynyň baýlygy» diýmegi ýöne ýere däl.
Arap we rus dillerini suwara bilýän, Russiýa Orta Gündogar ugry boýunça ýörite hünärmen Býornsyň MRU-nyň başlygy bolmagyna nähili garasa bolar?

## ■ GARAÝYŞLARY NÄHILIDI?

Onuň kakasy Uilýam F.Býorns otstawkadaky goşun generaly.
Prezident Reýganyň ýolbaşçylygynda 1981-1986-njy ýyllarda SSSR bilen bilelikde alnyp barylan «ýaragsyzlandyrma maksatnamasy» gepleşiklerine gatnaşdy…
Ogly Jozef hem Russiýa bilen baglanyşyklydy. 1994-96-njy ýyllarda Ýelsiniň ýykgynçylykly bulam-bujarlygynyň şaýady boldy. Emma… 2005-nji ýylda baş ilçi bolup Kremle gelende, Putin ony bir gyra çekip: «Siz amerikanlar, hemme zada özüňizçe emel ulanyp eýe çykybilmersiňiz. Täsirli özara gatnaşygymyz bolubiler, emma diňe siziň şertleriňize görä bolar öýtmäň.»
Býorns bu sözleri ýazan habarnamasyna şulary-da ýazdy:
«Umuman alanda köp babatda göz ýumup bolmajak derejede uly oýunlary oýnap bilýän Russiýa garşymyzda dur…»
Býorns ABŞ-nyň aýgytlaýjy syýasy çözgütleriniň jümmüşinde ýer aldy.
NATO-nyň aşa agressiw häsiýetli giňelmegine, Russiýanyň töwereginiň aşa gysylmagyna garşy çykdy.
Eýran bilen ýadro boýunça gizlin duşuşyklary geçirdi, Kaddafi bilen gepleşikleri geçirdi.
Onuň ABŞ-nyň agressiw ýüzüniň tarapyny tutýan «bürgütleriň» däl-de, «kepderileriň» tarapyny tutýandygy aýdylýar.
Galyberse-de, ol Saddam Hüseýini agdarmagyň Yrakdaky we Orta Gündogardaky syýasy durnuklylygy bozup biljekdigini «Ajaýyp tupan» habarnamasynda öňdengörüjilik bilen aýdypdy.
Hüsni Mübäregiň agdarylmagynyň Müsürde haos döretjegini aýdypdy.
Siriýa boýunça açyk gürledi: «Siriýanyň güzabyny amerikan syýasatynyň şowsuzlygy hökmünde görmezlik kyn.»

Şeýle-de… mekir we manipulýatiw häsiýetli ABŞ-nyň daşary işler ministri Jeýms Bakeri-de gowy görýär…
Netijede: ABŞ-nyň ýumşap başlan ýyllarynda diplomatlyk etdi. Indi MRU-nyň başlygy bolup ABŞ-nyň çöküşligini togtadyp bilermikä?
A biz bolsa özara goh-galmagaldan ýaňa kellämiz galdyryp, bu zatlar barada pikir öwreýinem diýemzok.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.03.2021 ý. Publisistika